Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.



#29 (260)
четверг, 17 июля 2025 года

Интернет газета
Международные новости

Esaslandyryjy – Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji awgustyndan bäri çykarylýar



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

11-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi.

Mejlisde şu ýylyň geçen alty aýynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça kabul edilen maksatnamalaryň ýerine ýetirilişi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem ýolbaşçylary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak bilen bagly meselelere seredildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň, käbir ýolbaşçylaryň, welaýatlaryň häkimleriniň hasabatlary diňlenildi.

Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisine Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleri, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalary, welaýatlaryň, Aşgabat hem-de Arkadag şäherleriniň häkimleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, gazetleriň we žurnallaryň redaktorlary hem-de beýleki ýolbaşçylar çagyryldy.

Ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň alty aýynda milli ykdysadyýetimiziň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Mejlisiň dowamynda wise-premýer «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» rejelenen görnüşdäki taslamasy barada hasabat berdi. Bu resminama laýyklykda, 2025 — 2028-nji ýyllarda durmuş-medeni maksatly binalary we desgalary, ýaşaýyş jaýlaryny, inženerçilik ulgamlaryny gurmak we hereket edýänleriniň durkuny täzelemek göz öňünde tutulýar.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasy hödürlenildi.

Soňra maliýe we ykdysadyýet ministri M.Astanagulow, Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy D.Amanmuhammedow, Merkezi bankyň başlygy T.Mälikow degişli ugurlar boýunça ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan şu ýylyň alty aýynda meýilnamalaryň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabatlary diňläp, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeleri dowam etdirmegiň, munuň üçin ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan kabul edilen maksatnamalarda göz öňünde tutulan çäreleriň, öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilişini yzygiderli seljermegiň möhümdigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň welaýatlarynda ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak we öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Karara gol çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew 2025-nji ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin D.Sapbaýewi «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň başlygy wezipesinden boşadyp, bu wezipäni wagtlaýyn ýerine ýetirmegi konserniň başlygynyň orunbasary T. Ataýewiň üstüne ýükleýändigini aýtdy we degişli resminamalara gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministri wezipesine N.Agahanowy belläp, ony ministriň orunbasary wezipesinden boşatmak barada karara gelendigini aýtdy we degişli resminama gol çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, taryhy we medeni ýadygärlikleri rejelemek, dikeltmek, gorap saklamak üçin netijeli işleri alyp barmagyň, Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň önümçilik kuwwatyny netijeli ulanmagyň, döredijilik bäsleşikleriniň, häzirki zaman sergilerini, folklor, aýdym-saz toparlarynyň çykyşlaryny hem yzygiderli geçirmegiň, ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramyna gowy taýýarlyk görmegiň möhümdigini belläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Mejlisiň dowamynda hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylda ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň meýilnamasyny, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça döwlet toparynyň düzümini, şeýle hem 2025 — 2026-njy okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň okuwlaryna kabul etmegiň meýilnamalaryny tassyklamak hakynda Buýruklara gol çekip, okuwa girmäge isleg bildirýän ýaşlara uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýüzlenip, täze okuw ýylyna gowy taýýarlyk görmegiň, orta we ýokary okuw mekdeplerinde abatlaýyş işlerini geçirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M. Çakyýew gözegçilik edýän düzümlerinde şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ulag we aragatnaşyk toplumyny düýpli özgertmek hem-de dolandyrmagy has-da kämilleşdirmek maksady bilen, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligini ýatyrmak hem-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ulag we aragatnaşyk toplumy boýunça orunbasarynyň wezipesini girizmek barada karara gelendigini aýtdy.

Mejlisiň dowamynda döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ulag we aragatnaşyk toplumy boýunça orunbasary wezipesine 6 aý synag möhleti bilen M. Çakyýewi, demir ýol ulaglary ministri wezipesine M.Akmämmedowy, aragatnaşyk ministri wezipesine 6 aý synag möhleti bilen H.Hudaýgulyýewi, awtomobil ulaglary ministri wezipesine B.Annadurdyýewi, «Türkmenhowaýollary» döwlet gullugynyň başlygy wezipesine D.Saburowy, Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugynyň başlygy wezipesine A.Şanazarowy belledi.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz degişli resminamalara gol çekdi.

Soňra welaýatlaryň häkimleri hasabatlar bilen çykyş etdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, M.Annanepesowy Lebap welaýatynyň häkimi wezipesinden boşadyp, Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň başlygy D.Genjiýewi şol bir wagtda Lebap welaýatynyň häkimi wezipesine belledi hem-de B.Orazowy Mary welaýatynyň häkimi wezipesinden boşadyp, bu wezipä D.Annaberdiýewi bellemek barada karara gelendigini aýtdy we degişli resminamalara gol çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewe söz berildi.

Ol hasabatyny ýurdumyzyň gallaçylary tarapyndan 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylynyň öndürilip, bu ugurda bellenen meýilnamanyň üstünlikli berjaý edilendigi baradaky hoş habardan başlady.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýer T.Atahallyýewe, oba hojalyk pudagynyň ýolbaşçylaryna, welaýatlaryň, Aşgabat hem-de Arkadag şäherleriniň häkimlerine ýüzlenip, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny, şeýle hem Oba milli maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmegiň möhümdigini nygtady.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R. Meredow şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda ministrligiň alyp baran işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Garaşsyz Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýermek bilen, ählumumy abadançylyga gönükdirilen daşary syýasaty alyp barýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz dünýä döwletleri bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer we ylymbilim ulgamlarynda ýola goýlan gatnaşyklary ösdürmegiň, halkara guramalar bilen netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda milli parlament tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, Garaşsyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyny ähli ugurlarda ýokary netijeleri gazanmak bilen, uly dabaralara besläp, halkara derejede giňden belläp geçýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Halkara Bitaraplyk gününi has-da dabaralandyrmak maksady bilen, «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiz 1-nji awgustdan başlap, oba hojalyk toplumynyň ýolbaşçylaryndan hem-de welaýat häkimlerinden beýleki ýolbaşçylara dynç almaga rugsat berýändigini aýdyp, olaryň ýurdumyzyň şypahanalarynda hem-de «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç alyp biljekdigini belledi.

Şu ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda halkara maslahatyň geçirilýändigi bilen bagly ähli ýolbaşçylar guramaçylyk işlerine hem gatnaşarlar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Интернет газета
Международные новости



## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ФРАНЦУЗСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Французской Республики Эммануэлю Макрону по случаю Национального праздника Франции – Дня взятия Бастилии.

«В последнее время развитие отношений между Туркменистаном и Французской Республикой получило новый импульс. Мы выступаем за дальнейшее расширение эффективного межгосударственного взаимодействия», – говорится в поздравительном послании главы государства.

Пользуясь возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Эммануэлю Макрону пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Франции – мира, благополучия и дальнейшего процветания.



## MEETING OF THE CHAIRMAN OF THE HALK MASLAHATY OF TURKMENISTAN WITH THE PRESIDENT OF THE REPUBLIC OF AZERBAIJAN

On July 16, 2025, at the Heydar Aliyev International Airport, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan was warmly welcomed by officials of the Republic of Azerbaijan, as well as members of the official delegation of Turkmenistan.

A conversation took place here between the National Leader of the Turkmen people and the official representative of Azerbaijan. The interlocutors highly praised the relations between Turkmenistan and Azerbaijan, based on the principles of friendship and good-neighborliness.

At the Zagulba Palace, the President of the Republic of Azerbaijan, National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov was warmly welcomed by the President of the Republic of Azerbaijan Ilham Aliyev.

After the ceremony of joint photography against the backdrop of the State flags of the two countries, negotiations took place between the National Leader of the Turkmen people and the head of Azerbaijan.

Once again warmly greeting the National Leader of the Turkmen people, President Ilham Aliyev expressed gratitude for accepting the invitation to visit Azerbaijan. Noting that Azerbaijan and Turkmenistan are successfully developing mutually beneficial cooperation in the political-diplomatic, trade-economic, energy and cultural-humanitarian spheres, the head of the neighboring state, taking the opportunity, conveyed his best wishes to President Serdar Berdimuhamedov.

Expressing sincere gratitude for the invitation to visit Azerbaijan and the hospitality extended to the delegation of Turkmenistan, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan also conveyed warm greetings from President Serdar Berdimuhamedov to President Ilham Aliyev.

Having noted that at present there are enormous opportunities for further development of traditionally friendly bilateral cooperation in various fields, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan emphasized that thanks to joint efforts, the Turkmen-Azerbaijani partnership is distinguished by its purposefulness, is developing at a dynamic pace and is based on mutual respect and openness.

Touching upon political-diplomatic relations, the National Leader of the Turkmen people noted the similarity and coincidence of the views of the two countries on current issues of global and regional problems.

The National Leader of the Turkmen people expressed gratitude to the Azerbaijani side for being the first to support the proposal of President Serdar Berdimuhamedov to declare 2025 the "International Year of Peace and Trust" at the 78th session of the UN General Assembly.

Focusing on cooperation in the transport sector, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan noted the great importance of transport and infrastructure projects of the two countries for the region.

Speaking about trade-economic relations, the National Leader of the Turkmen people emphasized the annual increase in mutual trade turnover, which indicates the successful development of partnership in this area.

As the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan noted, our peoples have been perfecting the ancient art of carpet weaving for centuries and have preserved it to this day. It was also emphasized that the Turkmen and Azerbaijani peoples treat racehorses with reverence, continuing the unique traditions of their breeding and selection.

Having also emphasized that today a meeting will be held between the Vice President for Medical Activities of the Charity Fund for Providing Assistance to Children in Need of Guardianship named after Gurbanguly Berdimuhamedov Oguljahan Atabayeva and the Vice President of the Heydar Aliyev Foundation Leyla Aliyeva, the National Leader of the Turkmen people expressed confidence that this event will contribute to the expansion of bilateral cooperation in the humanitarian sphere.

The Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan also spoke about the advisability of exchanging experience in the sports sphere.

In conclusion, the National Leader of the Turkmen people expressed confidence that this visit will become an important factor in the further rapprochement of Turkmenistan and Azerbaijan, the development of coordinated approaches in the context of the implementation of a long-term cooperation strategy. Having once again expressed gratitude for the warm welcome on the fraternal land, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan, on his own behalf and on behalf of President Serdar Berdimuhamedov, invited President Ilham Aliyev to visit Turkmenistan at any time convenient for him.

Expressing gratitude to Hero Arkadag for the invitation and kind words, President Ilham Aliyev confirmed Azerbaijan's commitment to further strengthening the traditionally friendly, fraternal relations and fruitful cooperation with Turkmenistan.

At the end of the negotiations, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and the President of the Republic of Azerbaijan Ilham Aliyev, Vice President for medical activities of the Charity Fund for Providing Assistance to Children in Need of Guardianship named after Gurbanguly Berdimuhamedov Oguljahan Atabayeva and Vice President of the Heydar Aliyev Foundation Leyla Aliyeva took a joint commemorative photo against the backdrop of the State flags of the two countries.

## СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА С ПРЕДСЕДАТЕЛЕМ МИЛЛИ МЕДЖЛИСА АЗЕРБАЙДЖАНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

16 июля 2025 года в рамках визита в Азербайджанскую Республику состоялась встреча Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова с председателем Национального парламента Азербайджанской Республики Сахибой Гафаровой.

Национальному Лидеру туркменского народа были представлены члены Милли Меджлиса Азербайджана и, в свою очередь, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана представил членов туркменской делегации.

В Большом зале собраний – месте проведения заседаний Милли Меджлиса Азербайджана – Сахиба Гафарова проинформировала Национального Лидера туркменского народа и членов туркменской делегации о деятельности парламента.

Далее Сахиба Гафарова ознакомила Председателя Халк Маслахаты Туркменистана с экспонатами Музея Милли Меджлиса.

Здесь Национальный Лидер туркменского народа оставил памятную запись в Книге почётных гостей.

Затем состоялась встреча Председателя Халк Маслахаты Туркменистана с Председателем Национального парламента Азербайджанской Республики при участии делегаций обеих стран.

Вновь радушно поприветствовав Национального Лидера туркменского народа, руководитель Национального парламента Азербайджана выразила уверенность, что нынешняя встреча позволит значительно укрепить межгосударственный диалог, в том числе на уровне законодательных органов.

Отметив, что с теплотой вспоминает состоявшийся в 2022 году визит в Туркменистан, Сахиба Гафарова, пользуясь возможностью, ещё раз выразила признательность за награждение орденом Туркменистана «Hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşandy üçin».

Сахиба Гафарова отметила огромный авторитет Туркменистана на

(Окончание на 3-й стр.)

Интернет газета
Международные новости

## СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА С ПРЕДСЕДАТЕЛЕМ МИЛЛИ МЕДЖЛИСА АЗЕРБАЙДЖАНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

(Начало на 2-й стр.)

международной арене, определённый проводимой им как нейтральным государством миротворческой внешней политикой, а также высокую оценку Азербайджаном отношений с братским Туркменистаном.

Национальный Лидер туркменского народа от имени членов туркменской делегации искренне поблагодарил за гостеприимство и радушный приём и поделился, что с теплотой вспоминает встречу с Сахибой Гафаровой в Ашхабаде, в рамках её официального визита в Туркменистан в декабре 2022 года.

Председатель Халк Маслахаты Туркменистана выразил уверенность, что нынешняя встреча послужит важным импульсом для углубления туркмено-азербайджанских братских связей, в том числе по линии парламентской дипломатии в соответствии с Меморандумом о взаимопонимании по сотрудничеству между парламентами двух стран.

Сделав акцент на значении созданных в Меджлисах двух стран групп дружбы в наращивании межпарламентского диалога, Национальный Лидер туркменского народа подчеркнул необходимость активизации практики их регулярных встреч.

Председатель Халк Маслахаты Туркменистана выразил уверенность, что парламентарии Туркменистана и Азербайджана вместе могут внести весомый вклад в достижение этих целей, работать над вопросами глобальной повестки дня.

В данной связи Национальный Лидер туркменского народа предложил азербайджанским парламентариям вместе с туркменскими коллегами разработать алгоритм взаимодействия в таких направлениях, как межпарламентский диалог, гендерное равенство, женская и молодёжная дипломатия.

Выразив уверенность в широких перспективах для укрепления двустороннего культурного, научного, образовательного сотрудничества, Национальный Лидер туркменского народа предложил рассмотреть возможность организации под эгидой парламентов двух стран молодёжных научных и образовательных форумов.

Спикер парламента дружественной страны отметила важность предложений Председателя Халк Маслахаты Туркменистана и подтвердила стремление азербайджанской стороны и впредь наращивать сотрудничество с Туркменистаном по линии законодательных органов.

По завершении встречи состоялась



церемония официального совместного фотографирования Национального Лидера туркменского народа и Председателя Милли Меджлиса Азербайджанской Республики Сахибы Гафаровой, а также членов делегаций двух стран.

Затем Председатель Халк Маслахаты Туркменистана посетил Аллею почётного захоронения, где обрёл покой Общенациональный лидер азербайджанского народа Гейдар Алиев.

Почтив память видного государственного и политического деятеля Азербайджана, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана возложил венок к его могиле.

Национальный Лидер туркменского народа также возложил цветы к могиле матери Президента Азербайджанской Республики Ильхама Алиева.

Затем Председатель Халк Маслахаты Туркменистана посетил парк «Победы», где почтил память национальных героев Азербайджана, отдавших жизнь за Родину, и возложил венок к монументу.



## PREPARATIONS FOR THE THIRD UN CONFERENCE ON LANDLOCKED DEVELOPING COUNTRIES DISCUSSED IN AVAZA

On July 13, 2025, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov held a meeting of the State Organizing Committee dedicated to the Third United Nations Conference on Landlocked Developing Countries, which will be held in the Avaza National Tourist Zone from August 4 to 8 this year.

During the meeting, issues related to the high-level organization of the international forum and other events within its framework were considered, as well as an assessment of the work done to date and specification of the upcoming tasks.

The meeting was attended by members of the Government, heads of ministries and departments.

Addressing the participants of the meeting, the National Leader of the Turkmen people emphasized that within the framework of the upcoming Conference, which will be organized by Turkmenistan jointly with the UN, it is planned to hold many events of political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian orientation.

As noted, the participation of 32 heads of state, including their governments, as well as interested UN member states, the Secretary General of the Organization itself and his deputies is expected. In addition to them, the arrival of leaders and representatives of a number of international and regional structures, legislative bodies, financial institutions, public associations and the private sector is expected.

The upcoming events will cover seven main areas: the opening and closing ceremonies of the international Conference, as well as plenary sessions; five high-level thematic round tables; seven high-level forums, namely the Ministerial Meeting on South–South Cooperation, the Parliamentary Forum, the Private Sector Forum, the Civil Society Forum, the Youth Forum, the Women Leaders' Meeting, and the Liaison Event; side events held by the participating countries of the Conference, international organizations and institutions, as well as the Turkmen side, including events on land transport and communications, the International Year of Peace and Trust, youth policy, sustainable energy, and the circular economy; thematic exhibitions in the buildings where the Conference and side events will be held, including those organized by the Turkmen side; national days of the Central Asian states, as well as a gala concert of cultural figures and artists within their framework; an official banquet in honor of the participants of the Conference on behalf of the Government of Turkmenistan.

Further, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan defined the upcoming tasks and measures aimed at ensuring the organization of the Third UN Conference on Landlocked Developing Countries and high-level events during it.

Then the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan gave the floor to the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs R.Meredov.

The Deputy Prime Minister, Minister of Foreign Affairs expressed sincere gratitude to the National Leader of the Turkmen people for the recommendations on the organized holding of the Third UN Conference on Landlocked Developing Countries.

Information was also provided on the recent signing of the Agreement between the Government of Turkmenistan and the United Nations on the procedure for organizing the Third UN Conference on Landlocked Developing Countries, based on the relevant Resolution of the Head of State.

The Deputy Prime Minister, Minister of Foreign Affairs also informed about the preparations for the work of the administrative building of the international forum, as well as volunteers.

The Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan gave

(continuation on the 4nd page).

Интернет газета
Международные новости

## PREPARATIONS FOR THE THIRD UN CONFERENCE ON LANDLOCKED DEVELOPING COUNTRIES DISCUSSED IN AVAZA

(beginning on the 3st page)

recommendations on drawing up the program of the opening and closing ceremonies of the international Conference jointly with the UN Secretariat, the concept of events to be organized by the Turkmen side, and ensuring their registration by the UN.

Then Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers B.Amanov spoke, providing detailed information on the developed program for the organized holding of the international Conference and the proper solution of the relevant tasks.

The National Leader of the Turkmen people noted the need for coordinated work of specialized services for the organized holding of the planned events, paying special attention to the high-level reception of guests and the proper organization of the work of the Conference.

Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers B.Annamamedov informed about the progress of construction and repair work carried out in the Avaza National Tourist Zone. As reported, great importance is attached to the improvement of roads in the territory of the tourist zone and the creation of necessary conditions along them.

Stressing the need to pay due attention to the issues of quality and timely completion of repair and construction works in the Avaza National Tourist Zone, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan pointed out that nothing should be overlooked.

Next, Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers B. Seyidova spoke, informing about the cultural program of the Conference and preparations for events within its framework.

The National Leader of the Turkmen people emphasized the importance of a comprehensive approach in the broad coverage of the international forum.

Noting the importance of special attention to the organizational level of cultural and humanitarian events within the framework of the international Conference, especially the upcoming friendship concert and festival of national dishes in honor of the national days of the countries of the world, the National Leader of the Turkmen people gave a number of relevant recommendations.

Concluding the meeting, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan wished those gathered good health, family well-being and new successes in their work.

## TÜRKMENISTAN BILEN RUANDA RESPUBLIKASYNYŇ ARASYNDA DIPLOMATIK GATNAŞYKLAR ÝOLA GOÝULDY



2025-nji ýylyň 14-nji iýulynda Nýu-Ýork şäherinde Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň edarasynda Türkmenistan bilen Ruanda Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak hakynda Bilelikdäki Beýanata gol çekişlik dabarasy geçirildi.

Gol çekişlik dabarasyndan öň Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili Aksoltan Ataýewa bilen Ruanda Respublikasynyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili Martin K Ngoganyň arasynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşiniň geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şeýle hem Ilçi A.Ataýewa Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan Ruandanyň Hökümetini ýene-de bir gezek BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna (LLDC 3) ýokary derejede gatnaşmaga çagyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda taraplar Türkmenistanyň we Ruandanyň Hökümetlerini we halklaryny diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen gutladylar we bu ädimiň ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak hem-de uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin möhüm itergi boljakdygyny nygtadylar.

## Inauguration of direct flights between Turkmenistan and the Republic of Korea

On July 14, 2025, a ceremony was held at Incheon International Airport in the Republic of Korea to open the first regular passenger flight on the Ashgabat-Seoul-Ashgabat route.

The event was attended by high-ranking officials of the Republic of Korea, including Vice Speaker of the National Assembly of the Republic of Korea Lee Hak-yong, Director General for Aviation Policy at the Ministry of Land, Infrastructure and Transport Kim Yong-kuk, Business development director of Incheon Airport Corporation Sang-yong Lee, CEO and Chairman of the "Pacific Air Agency" Park John Pil, representatives of Korean companies and the media, as well as Deputy Chairman of the Service "Türkmenhowaýollary" N.Kakabaev and employees of the Embassy of Turkmenistan in the Republic of Korea.




During the event, speakers noted that the opening of direct flights is a clear indication of the growing level of Turkmen-Korean relations.

Ambassador B.Durdyev in his speech emphasized the current state of political, economic and humanitarian cooperation between Turkmenistan and the Republic of Korea. A program of events in honor of the 30th anniversary of Turkmenistan's neutrality and the proclamation of 2025 as the "International Year of Peace and Trust" was also presented.

After the performances, the participants ceremonially cut the ribbon, officially opening the passenger flight, and took a group commemorative photo.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Посол Туркменистана встретился с главой Российского института стратегических исследований***

Посол Туркменистана в Российской Федерации Эсен Айдогдыев провёл важную встречу с директором Российского института стратегических исследований (РИСИ) Михаилом Фрадковым в Москве. В ходе переговоров, состоявшихся 11 июля, стороны обменялись мнениями по широкому кругу актуальных вопросов, касающихся туркмено-российских отношений.

Эта встреча подчёркивает обоюдное стремление Москвы и Ашхабада к углублению стратегического партнёрства. Особое внимание было уделено развитию диалога на уровне экспертно-аналитических центров обеих стран, что свидетельствует о стремлении к всестороннему и глубокому анализу общих интересов и перспектив.

***В Брюсселе прошла встреча Послов стран Центральной Азии с руководством Бенилюкс***

В ходе встречи руководство Бенилюкса подробно представило деятельность Союза, рассказало об истории его создания, институциональных механизмах и практических преимуществах тесной региональной координации.

Представители Союза Бенилюкс выразили глубокую заинтересованность в развитии диалога со странами Центральной Азии, а также готовность делиться своим опытом эффективного межгосударственного взаимодействия и налаженной институциональной координации. Отмечалось, что на фоне текущей динамики укрепления отношений между Европейским союзом и Центральной Азией, такое сотрудничество открывает взаимовыгодные перспективы для обеих сторон.

***Туркменистан и Грузия развивают диалог на фоне растущего доверия: переговоры в Тбилиси***

16 июля состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Тбилиси Довлетмырата Сейитмаммедова с директором политического директората по глобальным вопросам МИД Грузии Кахой Сихарулидзе.

В начале встречи дипломаты обсудили широкий круг вопросов, охватывающих политико-дипломатическое, торгово-экономическое и культурно-гуманитарное сотрудничество. Отдельное внимание было уделено регулярным политическим консультациям на уровне руководителей ведомств, что свидетельствует о стремлении сторон к системному взаимодействию. Стороны также рассмотрели сотрудничество в рамках многосторонних структур, в частности ООН и других международных организаций.

В завершение встречи дипломаты выразили обоюдное стремление к продолжению установившегося диалога. Они подчеркнули важность дальнейшей диверсификации сотрудничества, отвечающего взаимным интересам обеих стран, что позволит укрепить и расширить спектр взаимодействия.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***